# Toý köýnegi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Toý köýnegi TOÝ KÖÝNEGI

Toý köýnegin tikdim,
Gülgün keteni,
Gyrasyndan sary ýoda gaýdypdyr.
«Keteniň gurbany bolsamdym» diýip,
Ol oglanyň goşgusynda aýdypdyr.

Ýakasyna saldym üýtgeşik nagyş,
Gyrasyndan çekdim «gelingoçagy»
«Alajaň» ýerinde lowur ýasaýar
Yhlasym siňensoň «älemseçegi».

Bägül reňkiň ýanyp duran çogunda,
Gyz buýsanjym bilen näziklik ýatyr.
Toý güni açyljak gapyň töründe
Geljekki ykbalym nur saçyp ýatyr.

* * *

Gyş geljegin bilip sergezdan guşlar
Durnalara sesin goşup aglady.
Boşap galan joýalygyň içinde
Garantgalaň gara goly galgady.

Şemalyň ugruna gaýýan tozgalar,
Ahmal bolsäaň, gelip girjek burnuňa.
Ýaprak bary ýorgan bolup ýapylýar
Güýz çigregne üşän ýeriň garnyna.

Zemin şatlygynyň gaçanyn bilip,
Mör-möjekler girdi ýene hinine.
Öňküden sowapdyr akaryň suwy,
Üşütme gelen dek ýeriň inine.

Görküni ýitiren ol ýaşyl görnüş,
Aýralyga dözüp bilmän saraldy.
Solan ýapraklary gaçyryp, oýnap,
Gara ýelem agaçlardan ar aldy.

Gözelligiň baryn goltugna düýrüp,
Özi bilen alyp barýar sary güýz.
Tukatlyga dözmän, ýürek urunýar:
«Goýny gyzyl gülli, nirede sen, ýaz!

Oguljemal ÇARYÝEWA.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1978 ý. Goşgular